**Türkmenistanyň Merkezi banky**
Центральный банк Туркменистана
Central Bank of Turkmenistan

# BANK HABARLARY
## БАНКОВСКИЙ ВЕСТНИК
## BANKING BULLETIN

**2025-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna**
на 1 сентября 2025 года
as of September 1, 2025

**Aşgabat 2025**

# Mazmuny / Содержание / Content


## SELJERIŞ MAKALALARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ СТАТЬИ / ANALYTICAL ARTICLES

ÖSÜŞLI ÝYLLARYMYZYŇ ŞÖHRATLY ÄDIMLERI
3

DURNUKLY YKDYSADY ÖSÜŞ WE BANK HYZMATLARY
6

DÖWREBAP HYZMATLAR - GIŇ MÜMKINÇILIKLER
8

HALK BÄHBITLI OŇYN IŞLER
10

BANK ULGAMY GALKYNYŞLY DÖWRÜŇ ÖSÜŞ ÝOLUNDA
13

MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ YGTYBARLY ÖSÜŞI
15

TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ GOÝUM AMALLARY
17

TÜRKMENISTANYŇ «DAÝHANBANK» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ DÖWREBAP HYZMATLARY
19

SANLY ULGAMYŇ MÜMKINÇILIKLERI
21

## SELJERIŞ MAGLUMATLARY
АНАЛИТИЧЕСКИЕ МАТЕРИАЛЫ / ANALYTICAL MATERIALS

**TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI**
ТЕНДЕНЦИИ РАЗВИТИЯ БАНКОВСКОЙ СИСТЕМЫ ТУРКМЕНИСТАНА
DEVELOPMENT TRENDS OF THE BANKING SYSTEM OF TURKMENISTAN
22

**TABLISALAR** / ТАБЛИЦЫ / TABLES
23

## SELJERIŞ MAKALALARY

# ÖSÜŞLI ÝYLLARYMYZYŇ ŞÖHRATLY ÄDIMLERI

Hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň giňden bellenilýän ýurdumyzyň her bir güni parahatçylyga, asudalyga beslenýär. Garaşsyz Türkmenistan 1992-nji ýyldan bäri Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG-niň) doly hukukly agzasydyr. Şol döwürden bäri türkmen döwleti halkara syýasatynyň wajyp strategik meselelerini çözmekde BMG-niň ähli ýurtlary bilen deňhukukly döwletara hyzmatdaşlygyna ygrarlydygyny ençeme gezek tassyklady.

1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda dünýäniň 185 döwletiniň biragyzdan ses bermeginde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň kabul edilmegi bilen ýurdumyz dünýäde ilkinji gezek Bitarap döwlet diýlip yglan edildi. Bitaraplyk derejesi ýurdumyzda Ýer ýüzünde ylalaşdyryjy merkez hökmünde belent abraýa eýe bolmagyna, ykdysadyýetde, durmuş ulgamynda, türkmen jemgyýetiniň ruhy-medeni durmuşynda üstünlikleri gazanmakda onuň ornuny üpjün etmäge mümkinçilik berdi. Bitarap döwlet diýip ykrar edilen döwletimiz dünýäniň abraýly guramasy bolan BMG tarapyndan ykrar edilen ilkinji we ýeke-täk Bitarap döwletdir. BMG tarapyndan ilkinji Bitaraplyk derejesiniň Türkmenistan döwletimize berilmegi belent mertebedir.

2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynda 193 döwletiň biragyzdan goldamagynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Rezolýusiýa ikinji gezek kabul edildi, şeýle hem 2025-nji ýylyň 21-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama üçünji gezek kabul edildi. Bu bolsa hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygynyň bellenýän ýylynyň taryhy wakalarynyň biri boldy.

Türkmen halkynyň gadymdan gelýän hoşniýetlilik, parahatçylyk söýüjilik, ynsanperwerlik häsiýetleri we medeni däp-dessurlary döwletimiziň oňyn Bitaraplyga esaslanýan daşary syýasatynyň özenini düzýär. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň daşary syýasat strategiýasyny amala aşyrmakdaky uly üstünlikleri, halkara hyzmatdaşlygy ösdürmekde we umumadamzat ösüşlerine dahylly meseleleriň oňyn çözgütlerini tapmakda alnyp barylýan syýasaty hem dünýä bileleşigi tarapyndan goldanylýar.

Hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesi Türkmenistana halkara giňişlikde okgunly ösmäge mümkinçilik berdi, içerki abadançylygy üpjün etdi we halkara gatnaşyklary mundan beýläk-de giňeltmek üçin zerur şertleri döretdi. Şunda häzirki zamanyň ählumumy ösüş meýillerini bitewi, üznüksiz kabul etmek ukyby Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanyň dünýä giňişliginde amala aşyrýan syýasatynyň üstünlikli diplomatik işlerini aýtsa bolar. Döwletimiz dünýäde durnukly ösüşi gazanmak, howpsuzlygy üpjün etmek we parahatçylygy pugtalandyrmak, sebit derejesinde ýurtlaryň durmuş-ykdysady ösüşine ýardam etmek babatdaky tagallalary ählumumy ykrarnamasyna eýerýär. Türkmenistan ykdysady ösüşiniň durnukly depginlerini saklamaga, maliýe we durmuş durnuklylygyny, maýa goýum işjeňligini üpjün etmäge, bazar gatnaşyklary esasynda ykdysadyýetiň dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmäge, ykdysadyýetiň ähli ugurlaryna sanly tehnologiýalary ornaşdyrmaga, şeýle hem BMG tarapyndan yglan edilen 2030-njy ýyla çenli Gün tertibiniň Durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmäge gönükdirilen çäreleri yzygiderli amala aşyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylýan giň gerimli özgertmeler, ykdysadyýetde ýetilen belent sepgitler ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny aňlatmak bilen birlikde, ählumumy parahatçylygy we deňhukukly ösüşi maksat edinýän halkara hyzmatdaşlygyň miweleridir.

Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi bolan Watanymyz diňe bir sebitiň däl, eýsem dünýäniň

ýurtlaryny dost-doganlyga, parahatçylyga çagyryjy merkez bolup durýar. Ýurdumyz öz Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny esas edinip, parahatçylygy we ylalaşygy, hoşniýetli gatnaşyklary ösdürmekde uly hyzmatlary bitirýär. Şonuň üçin hem durnukly ösüş ýolundan ynamly öňe barýan, halkyň parahat durmuşda bolelin ýaşamagynyň üpjün edilmegini döwletiň baş wezipesi edip goýýan Türkmenistan bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň gerimini giňeltmäge bolan isleg dünýä ýurtlarynda barha artýar.

Soňky ýyllarda ýurdumyz ykdysadyýetiň bazar gatnaşyklaryna has çuňňur aralaşmagy bilen, banklar tarapyndan berilýän uzak möhletleýin karzlaryň, şeýle hem dünýäniň abraýly halkara maliýe karz institutlary tarapyndan berilýän serişdeleriň paýy we orny yzygiderli ýokarlanýar. Munuň şeýledigini Halkara pul gaznasy, Bütindünýä banky, Ýewropanyň täzeleniş we ösüş banky, Aziýanyň ösüş banky, Yslam ösüş banky tarapyndan uzak möhlete berilýän uly möçberli karzlardan hem görmek bolýar. Maýa goýumlar ykdysadyýeti ösdürmekde hereketlendiriji güýç bolmak bilen, umumy ykdysady ýagdaýa, ozaly bilen önümçiligiň, maliýe karz ulgamynyň ösüşine we ilatyň tölege ukyply isleglериniň derejesine oňyn täsirini ýetirýär. «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş ykdysady taýdan ösdürmegiň we Maýa goýum maksatnamasynyň» çäklerinde umumy özleşdirilmeli düýpli maýa goýumlaryň möçberi 40,1 milliard manat möçberinde kesgitlenildi hem-de onuň çäklerinde toplumlaýyn işler alnyp barylýar, muňa mysal edip ýurdumyzda geçen alty aýda bu maksatnama boýunça, 17,8 milliard manat möçberinde düýpli maýa goýumlaryň özleşdirililendigi bellärliklidir.

Geljekde milli ykdysadyýetimize daşary ýurt maýa goýumlaryny giň gerimde çekmek işini hasda işjeňleşdirmek meýilleşdirilýär. Ýurdumyz tarapyndan amala aşyrylýan «Açyk gapylar» syýasaty daşary ýurt maýa goýumlarynyň goraglylygynyň kanuny kepillikleri, yzygiderli kämilleşdirilýän kanunçylyk binýady bu maksatlara gönükdirilendir.

Ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösdürmek üçin oba hojalyk önümlerini öndürijilerini maliýe taýdan goldamak, oba hojalygyna innowasiýalary, döwrebap tilsimatlary we öňdebaryjy usullary ornaşdyrmak, daşary ýurtlardan getirilýän harytlaryň ornuny tutýan önümleri öndürmek we ýurdumyzda öndürilýän önümleriň daşary ýurtlara eksportynyň möçberini artdyrmak maksady bilen, häzirki wagtda bankymyz tarapyndan ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijileriniň hem-de kiçi we orta telekeçileriniň önümçilik maksatly maýa goýum taslamalaryny Türkmenistanyň Prezidentiniň kararlary esasynda merkezleşdirilen serişdeleriň hasabyna ýeňillikli şertlerde hem-de bankyň öz we çekilen serişdeleriniň hasabyna karzlaşdyrmak işleri yzygiderli dowam etdirilip gerimi giňeldilýär.

Ýurdumyzyň oba hojalygynda alnyp barylýan özgertmeleriň çäklerinde oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak, içerki bazarda azyk bolçulygyny döretmek we ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk önümleriniň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak bilen bagly maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrmak, önüm öndürijilere ýerine ýetirilýän bank hyzmatlaryny has-da ösdürmek ýaly durmuş ähmiýetli işler ýokary işjeňlik bilen alnyp barylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan döwletli tutumlaryny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary netijesinde ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda, Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň halkymyza hödürleýän hyzmatlary barha kämilleşdirilýär. Şu maksat bilen bank tarapyndan hem goýumlaryň «Gadamy beýik gahryman», «Talap edilýänçä», «Gojalara hemaýat», «Galkynan daýhan», «Möhletli», «Ruhubelent nesiller», «Rowaçlyk» we «Goýum bank karty» ýaly görnüşleri müşderilere hödürlenilýär. Şeýle hem «Talyp karzy», «Toý karzy», «Owerdraft», sarp ediş maksatly we ýaş maşgalalara öý goşlaryny satyn almak üçin karz serişdeleri dowamly berilýär. Bulardan başga-da bank

tarapyndan müşderilere sanly ulgamda hödürlenilýän «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» we «Menzilara bank» hyzmatlary, «Meleguş» pul geçirimi, şeýle hem «Cash back» hyzmaty bellärliklidir.

Häzirki wagtda sarp ediş maksatly we ýaş maşgalalara öý goşlaryny satyn almak üçin berilýän karzlary «Menzilara bank» hyzmatynyň üsti bilen onlaýn görnüşinde resmileşdirmek ýola goýuldy. Şeýle hem «Menzilara bank» hyzmatynyň üsti bilen daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň halkara «VISA» we «MasterCard» bank kartlaryny onlaýn görnüşde doldurmaga mümkinçilik döredildi. Bulardan başga-da Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek hem-de «Goýum bank karty» we kärendeçileriň «Altyn asyr» bank kartlaryny saklaýjy müşderilerine amatly şertleri döretmek maksady bilen töleg terminallary arkaly nagt däl görnüşinde geçirilen tölegler boýunça 2 göterim möçberli «Cash back» höweslendiriş hyzmatyny yzygiderli ýerine ýetirýär.

Internet arkaly bank hyzmatlary müşderiler üçin wagty tygşytlamak, hakyky wagt tertibinde köp sanly amallary çalt amala aşyrmak, täze bank hyzmatlaryny görüp, saýlap bilmek, ýaşaýyş jaý, jemagat we öýjükli aragatnaşyk hyzmatlary üçin hasaplaşyklary geçirmek, internet arkaly harytlary satyn almak ýaly artykmaçlyklary özünde jemleýär. Häzirki wagtda ýurtda amala aşyrylýan özgertmeler bilen gazanylan netijeler hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly ýörelgeleriniň bank ulgamynda hem dabaralanýandygyny aýdyň subut edýär.

Türkmenistan döwletimiziň daşary ýurt döwletleri bilen agzybirlik, dost-doganlyk, hyzmatdaşlyk we ynsanperwerlik syýasatlaryny alyp barmakda taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri elmydama rowaç alsyn!

**Batyr BAÝMYRADOW,**
Arkadag şäheriniň «Daýhanbank»
döwlet täjirçilik bankynyň Bank işlerini
awtomatizasiýalaşdyryş bölüminiň başlygy



## SELJERIŞ MAKALALARY

# DURNUKLY ÖSÜŞ WE BANK HYZMATLARY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli ykdysadyýetimiziň ähli ugurlary uly ösüşlere beslenýär, şol sanda bank ulgamynda netijeli özgertmeler dowam etdirilýär. Bank işiniň yzygiderli kämilleşdirilmegi ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyply innowasion ösüşini üpjün etmek, dünýä ykdysady giňişligine işjeň goşulyşmak, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini dünýäniň öňdebaryjy ýurtlarynyň derejesine ýetirmek üçin wajyp bolup durýar.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» hem-de «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyna» laýyklykda milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek, pul-karz syýasatyny yzygiderli kämilleşdirmek, ýurdumyzyň maliýe-bank ulgamynyň berk binýadyny pugtalandyrmak, bank hyzmatlarynyň hilini halkara ölçeglere görä guramak we olaryň görnüşlerini artdyrmak, milli manadyň hümmetiniň durnuklylygyny üpjün etmek öňde goýulýan esasy wezipeleriň biridir.






Bank hyzmatlary babatda geçirilýän özgertmeler bank bazaryna gatnaşyjylaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklaryň düýpli üýtgemegini aňladyp, ilkinji nobatda, hyzmat ediş tizligini artdyrmagy hem-de hyzmat etmegiň dürli ugurlaryny peýdalanmak arkaly müşderileriň wagtyny tygşytlamagy göz öňünde tutýar. Şu jähtden, hödürlenilýän hyzmatlaryň tizligi hem-de elýeterliligi banklaryň we müşderileriň arasyndaky gatnaşyklary düýbünden täze derejä çykarýar.

Bank ulgamynda innowasion syýasaty girizmek arkaly karz bermek, maýa goýumlaryny maliýeleşdirmek, dürli tölegleriň çalt we öz wagtynda geçirilmegini üpjün etmek, kassa-hasaplaşyk amallarynyň ähli görnüşlerini, nagt pul geçirimlerini gysga wagtyň içinde amala aşyrmak, bank kepilligini bermek, karzlara bolan islegleri yzygiderli ýokarlandyrmak ýaly işler döwrebaplaşdyrylýar.

Häzirki döwürde ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklarynda döwrüň talaby bolan, sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmak işi giň gerimde dowam edýär. Milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlaryny, öňdebaryjy halkara tejribeleri esasynda innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylyp, ýokary ykdysady ösüşler gazanylýar.

Häzirki zaman sanly tehnologiýalaryň yzygiderli ornaşdyrylmagy, ilata töleg-hasaplaşyk, göterim we beýleki hyzmatlary banka gelmezden, menzilara ýerine ýetirmäge mümkinçilik döredýär. Bank ulgamyny hasda kämilleşdirmek, milli töleg ulgamyny ösdürmek we onuň netijeliligini, ygtybarlylygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek maksady bilen töleg ulgamy sanly maglumat tehnologiýalary, kompýuter programmalary bilen yzygiderli üpjün edilýär.

Bank amallaryny sanlylaşdyrmak, öz gezeginde diňe bir müşderilere hödürlenýän hyzmat-

laryň sanyny köpeltmek bilen çäklenmän, eýsem, olaryň hilini ýokarlandyrmaga, sarp edilýän wagtyny we harajatlaryny tygşytlamaga mümkinçilik berýär. Şeýle-de bank tarapyndan puluň hereketine gözegçiligi ýola goýmaga we ýokary netijeli çözgütleri kabul etmäge amatlyklary döredýär.

Şundan ugur alyp, ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan maliýe-bank işine sanly ulgamy ornaşdyrmagyň çäklerinde nagt däl hasaplaşyklary kämilleşdirmek işleri dowam etdirilýär. Olaryň hatarynda halkara tejribelere esaslanyp, tölegleriň dürli görnüşlerini ornaşdyrmak, müşderileriň bank kartlaryndan internet üsti bilen tölegleri amala aşyrmak mümkinçiliklerini giňeltmek, bankyň sanly ulgam bilen bagly ähli ulgamlarynda kiberhowpsuzlyk babatdaky işleri yzygiderli alyp barmak, karz edaralarynyň monitoring merkezlerini kämilleşdirmek boýunça çäreleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini bellemek bolar.

Mundan başgada ýurdumyzyň bank ulgamynyň gündelik işinde döwlet maýa goýum syýasatyny kämilleşdirmäge we onuň netijeliligini ýokarlandyrmaga, ykdysadyýeti düzümleýin özgertmäge, daşky gurşawy we ekologiýa ýagdaýyny gowulandyrmaklyga gönükdirilen maýa goýum taslamlaryny durmuşa geçirmäge hem-de eýeçiliginiň görnüşine garamazdan bu ugurda işleýän kärhanalary we guramalary goldamak arkaly döwlet maýa goýum syýasatyny üstünlikli durmuşa geçirmäge işjeň gatnaşyklyk hem wajyp orny eýeleýär.

Hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen baş ýörelgesinden gözbaş alýan bu giň gerimli işler merdana halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek, ýurt berkararlygynyň binýadyny berkitmek, Watanymyzy ähli ugurlar boýunça sazlaşykly ösdürmek bilen berk baglanyşyklydyr.

Türkmenistan döwletimizi günsaýyn ösüşlere tarap alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, alyp barýan il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli işleri hemişe rowaçlyklara beslensin!

**Geldimyrat ITALMAZOW,**
Türkmenistanyň Merkezi bankynyň
Lebap welaýat şahamçasynyň
Kassa hyzmatlary we kassa amallar bölüminiň başlygy

## SELJERIŞ MAKALALARY

# DÖWREBAP HYZMATLAR - GIŇ MÜMKINÇILIKLER

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda» döwletiň we hususy pudagyň özara hyzmatdaşlygyna, hojalygy ýöretmegiň netijeli usullarynyň giňden ornaşdyrylmagyna, milli ykdysadyýetimizde hususy pudagyň ornuny pugtalandyrylmaga, bazar gatnaşyklary şertlerinde alnyp barylýan işlere telekeçileriň işjeň çekilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiziň: «Döwlet eýeçiligini hususylaşdyrmak we döwlete dahylsyz pudagy ösdürmek döwlet syýasatymyzyň aýrylmaz bölegi bolup durýar. Ýurdumyzda milli ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynda işlejek kiçi, orta we iri tehnologik kärhanalaryň gurluşygy ýokary depginde alnyp barlar. Bu bolsa ykdysady kuwwatymyzy berkitmäge oňyn täsir eder» diýip belleýşi ýaly, häzirki wagtda hususy pudak milli ykdysadyýetimiziň aýrylmaz bölegine öwrüldi.

Ýurdumyzda hususy pudagyň işini döwrebaplaşdyrmak boýunça alnyp barylýan işleriň netijesinde ykdysadyýetde hususy pudagyň paýy yzygiderli artýar. «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda» kiçi we orta telekeçiligi mundan beýläk-de döwlet tarapyndan goldamak, işewürligi kämilleşdirmegiň hasabyna ykdysadyýetde hususy taraplaryň paýyny artdyrmak, jemi içerki önümiň möçberindäki döwlete dahylsyz bölegiň paýyny 71,6 göterime ýetirmek meýilleşdirilýär.



Kiçi telekeçiligiň geriminiň giňeldilmegi ykdysadyýeti sagdynlaşdyrýar, onuň durnukly ösmegine oňyn täsir edýär. Ilat üçin goşmaça iş orunlaryny döretmekde, jemi içerki önümiň möçberini köpeltmekde, importyň ýerini tutýan hem eksporta ýaramly önümleri öndürmekde kiçi telekeçiligiň mümkinçiliklerini örän uludygyny bellemek gerek.

Döwlet Baştutanymyzyň baştutanlygynda ýurdumyzda durmuşa geçirilýän ykdysady syýasatyň düýp özeninde hususy pudagyň paýyny artdyrmak boýunça birnäçe belent maksatlar bar. Hormatly Prezidentimiziň daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek baradaky tabşyryklaryndan ugur alyp, «Rysgal» paýdarlar täjirçilik banky ýurdumyzda kiçi we orta telekeçiligi goldamak boýunça kabul edilen maksatnamalary ýerine ýetirmäge işjeň gatnaşýar.

Bu bank halkara maliýe guramalary we karz edaralary bilen hyzmatdaşlygy giňden ýola goýmak boýunça alnyp barylýan işleri has-da ýaýbaňlandyrýar. Müşderilere ýokary derejede hyzmat edip, telekeçiler bilen işjeň aragatnaşyk saklaýar, hyzmatdaşlygy has-da ösdürýär. Bankyň işi ýurtda hususy işewürligi höweslendirmäge, milli ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmaga, strategiki döwlet maksatnamalarynyň durmuşa geçirmäge türkmen telekeçileriniň işjeň gatnaşmagy üçin amatly maliýe şertlerini döretmäge gönükdirilendir.

Häzirki döwürde bank tarapyndan beýleki karz edaralary bilen bir hatarda milli ykdysadyýetimiziň depginli ösüşini üpjün etmäge ýeterlik pul serişdelerini işjeň çekýär we bu serişdeleriň dürli pudaklarda rejeli aýlanyşygyna ýardam berýär, iri maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirýär. Şeýle hem paýtagtymyzy hem-de şäherlerimizdir obalarymyzy abadanlaşdyrmak boýunça amala aşyrylýan köp sanly taslamalara işjeň gatnaşýar.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011 — 2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyna» laýyklykda ýurdumyzda nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini has-da giňeltmek, hödürlenilýän hyzmatlaryň görnüşlerini artdyrmak boýunça geçirilýän işler giň gerim alýar.

Bank işleriniň we tehnologiýalarynyň tapgyrlaýyn döwrebaplaşdyrylmagy pul geçirmek işlerini çaltlandyrmaga hem-de nagt däl hasaplaşyklaryň ygtybarlylygyny artdyrmaga ýardam edýär. Bu ugurdaky anyk ädimler ýurtda milli bank ulgamynyň sanlylaşdyrylmagyny, bazar gatnaşyklaryna tapgyrlaýyn geçirilmegini üpjün edýär.

Bank tarapyndan müşderilere bank hyzmatlarynyň köpsanly görnüşlerini hödürlemek arkaly ýurduň döwlete degişli bolmadyk böleginiň, kiçi we orta işewürligiň maliýe taýdan goldanylmagyny baş maksat edinýär. Ýerine ýetirilýän bank hyzmatlarynda müşderileriň bähbitleriniň ileri tutulmagy, halkara hil derejelerine laýyk getirilmegi, ýokary hilli bank hyzmatlarynyň hödürlenilmegi bankyň işiniň esasy bolan ynamly gatnaşyklary ýola goýmaga ýardam edýär.

Täze taryhy eýýamda hususy pudaga uly möçberde karz serişdeleriniň berilmegi, ýurtda haryt we azyk bolçulygynyň döredilmegine, bankyň işiniň has-da ilerlemegine getirýär. Maliýe-karz ulgamynyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berilmegi döwlete dahylsyz bölegiň – telekeçilik işiniň giň gerime eýe bolmagyna mümkinçilik döredýär. Şunda «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynda hususy telekeçilere dürli görnüşli karz serişdeleri yzygiderli berilýär.

Bankda kiçi we orta telekeçiler üçin senagat önümleriniň önümçiligini ýola goýmak, bar bolan önümçilikleriň giňeldilmegi, durkunyň täzelenmegi we tehniki taýdan gaýtadan enjamlaşdyrylmagy, şol sanda, kiçi sehler üçin enjamlaryň, kiçi göwrümli tehnikalaryň, çig malyň, ýarym taýýar önümleri satyn almak, gurluşyk işlerini alyp barmak, ilata durmuş taýdan hyzmat etmek oba hojalyk önümçiligini ösdürmek, dürli oba hojalyk tehnikalaryny, mallary, tohumlary satyn almak maksady bilen ýeňillikli şertlerde karzlar dowamly berilýär. Bu bolsa milli ykdysadyýetimiziň hususy pudagynyň işiniň rowaçlanmagyna ýardam edýär.

Hormatly Prezidentimiziň ýaş maşgalalary döwlet tarapyndan goldamak baradaky tabşyryklarynyň esasynda bankymyzda ýaş çatynjalar berilýän ýeňillikli bank karzlary hem ýaşlaryň bagtyýar we abadan durmuşda ýaşamagyna gönükdirilen beýik işleriň biridir.

Ylym we bilim her bir adamyň ykbalynda möhüm ähmiýete eýedir. Şu maksat bilen «Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankymyzda «Talyp karzy» hereket edýär. Ýurdumyzyň çäginde ýokary okuw jaýlarynda okaýan talyplaryň okuw tölegleri tölemek üçin niýetlenen «Talyp karzynyň» 5 ýyla çenli möhlet bilen ýyllyk 5 göterim möçberde berilmegi dowam edilýär. Ýeri gelende bellesek, «Türkmenistanda 2019 — 2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna» laýyklykda bankymyzda «Onlaýn kabulhana» ulgamy hereket edýär. Raýatlarymyz oňa özleriniň şahsy maglumatlaryny girizip, karz almak üçin ýüztutmalaryny onlaýn görnüşinde iberip bilýärler. Bu bolsa müşderileriň wagtyny tygşytlamaga we bank karzlaryny gysga wagtyň dowamynda resmileşdirmäge ýardam edýär.

Kalby galkynyşly, ýurdy güneşli bagtyýar halkymyz hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ajaýyp şygarynyň ýylysyna çoýunyp, eşretli durmuşda ýaşaýar. Halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşamagy ugrunda beýik işleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! Alyp barýan il-ýurt bähbitli, durmuş ähmiýetli işleri hemişe rowaç alsyn!

**Polat GALDOWOW,**
«Rysgal» paýdarlar täjirçilik bankynyň
«Rysgally Daşoguz» şahamçasynyň
Karz amallary bölüminiň baş hünärmeni

## SELJERIŞ MAKALALARY

# HALK BÄHBITLI OŇYN IŞLER

Häzirki döwürde ýurdumyzda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň milli Maksatnamasyna» laýyklykda banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, ykdysadyýetiň pudaklaryna bölünip berilýän karz serişdeleriniň möçberini artdyrmak, ýurdumyzyň bank ulgamyny düýpli özgertmek we onuň işjeňligini dünýäniň öňdebaryjy döwletleriniň derejesine ýetirmek hem-de pul-karz syýasatyny yzygiderli kämilleşdirmek boýunça giň gerimli özgertmeler amala aşyrylýar.

Hormatly Prezidentimiziň wezipä girişmek dabarasynda eden taryhy çykyşynda: «Her bir maşgalany häzirki zaman öýi ýa-da jaýy bilen üpjün etmek meniň esasy aladalarymyň biri bolar» diýip bellemegi raýatlarymyzyň abadan we bagtyýar durmuşda ýaşamagynyň döwlet syýasatynda esasy orny eýeleýändigini ýene-de bir gezek şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiziň il-ýurt bähbitli maksatnamalary amala aşyrmakda bank karzlaryna aýratyn orun berilýär. Banklaryň ýerine ýetirýän beýleki karz amallary bilen bir hatarda gozgalmaýan emläkleri satyn almak üçin berilýän (ipoteka) karzlary aýratyn islege eýedir. Bu görnüşli karzlar hormatly Prezidentimiziň döwlet syýasaty esasynda raýatlaryň ýaşaýyş jaý şertlerini gowulandyrmak, olaryň ýokary derejeli, has oňaýly jaýlarda ýaşamaklygy üçin edýän ýadawsyz tagallalary netijesinde täze gurlan has oňaýly we otaglaryň ýerleşişi gowulandyrlan jaýlardan öýleri satyn almaga gozgalmaýan emläk üçin berilýän ýeňillikli karzlardyr. Täze ýaşaýyş jaý toplumlarynyň gurulmagy we olara döwrebap infrastrukturalaryň ornaşdyrylmagy şäher gurluşygynyň ösmegine itergi berýär. Şeýlelik bilen, ilata hödürlenýän ýaşaýyş jaýlarynyň görnüşleriniň we hiliniň ýokarlanmagy bilen bilelikde, hususy ýaşaýyş jaýlaryny gozgalmaýan emläk hökmünde girewine goýup, karzlary almak şertleri hem hödürlenilýär.

Şunuň bilen baglylykda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan hem ýyllyk 1 göterim bilen, 5 ýyla çenli ýeňillikli döwri öz içine alýan 30 ýyl möhlete gozgalmaýan emläkleri satyn almak üçin karzlaryň berilmegi dowam edilýär. Munuň özi bolsa, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak, olaryň ýaşaýyş jaý bilen üpjünçiligini talabalaýyk ýola goýmak baradaky tabşyryklarynyň göwnejaý berjaý edilmegine hem-de Türkmenistanyň her bir maşgalasynyň döwrebap öýlerde ýaşamagyna oňyn şertleri döredýär.

Hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin berilýän karzlaryň jemgyýetçilik we ykdysady taýdan ähmiýeti örän uludyr. Ilkinji nobatda, olar adamlara ýaşaýyş jaýyny edinmäge giň mümkinçilik döredýär. Ýaşaýyş jaýlarynyň elýeterliligi maşgalalaryň durnuklylygyny, jemgyýetiň medeni abadançylygyny ýokarlandyrýar. Şeýle hem, gurluşyk ulgamynyň ösmegine, täze iş orunlarynyň döremegine we ýerli önümçiligiň giňelmegine uly täsir edýär.

Hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin berilýän karzlary häzirki wagtda ýurdumyzda raýatlarymyz üçin döredilýän ýeňillikleriň möhüm serişdeleriniň biri bolup durýar. Bu bolsa öz gezeginde döwletimizde raýatlara ýaşamak üçin amatly şertleri döretmek bilen bir hatarda, ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň durnukly ösüşine hem täsirini ýetirýär. Hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin berilýän karzlaryň mümkinçilikleriniň giňeldilmegi, göterimleriň ýeňillikli bolmagy, bu ugurda döwletiň goldaw çäreleriniň yzygiderli dowam etdirilmegi ilatyň ýaşaýyş derejesini has-da ýokarlandyrmaga mümkinçilik döredýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary esasynda raýatlara hususy ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin uzak möhletli karz serişdeleri yzygiderli goýberilýär. Türkmenistanyň

«Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan 2025-nji ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda bu ugur boýunça 1236 sany raýatlara 823 867,0 müň manat möçberinde karz serişdeleri bilen üpjün edildi. Raýatlara hususy ýaşaýyş jaýlaryny satyn almak üçin berlen karzlaryň ösüş depgini soňky üç ýylyň we 2025-nji ýylyň ýanwar-iýul aýlarynyň jemi boýunça netijelerini 1-nji şekilde görmek bolýar.

1-nji şekil




Bankyň welaýat şahamçalary tarapyndan 2025-nji ýylyň ýanwar-iýul aýlarynyň dowamynda ýaşaýyş jaýlary satyn almak üçin berlen karzlaryň ösüş depgini 2-nji şekilde görkezilýär.

2-nji şekil




Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary esasynda merkezleşdirilen serişdeleriň hasabyna ýeňillikli şertlerde hem-de bankyň öz we çekilen serişdeleriniň hasabyna karzlaşdyrmak işleri yzygiderli dowam etdirilip gerimi her ýylda giňeldilýär.

Bulardan başga-da Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan karzlaryň birnäçe görnüşleri müşderilere hödürlenilýär. Olara mysal edip, kiçi göwrümli karzlary, «Talyp karzy», «Owerdraft», «Toý» karzy, sarp ediş karzlary we ýaş maşgalalara öý goşlaryny satyn almak üçin berilýän karzlary görkezmek bolar.

«Talyp karzy» hödürlenilýän bank karzlarynyň ýene bir görnüşi bolup, ýurdumyzda ýaşlary goldamak, olaryň döredijilik başlangyçlaryny höweslendirmek, hünärlerini kämilleşdirmek babatda amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplaryň okuw töleglerini tölemek üçin nagt däl görnüşinde berilýän karzdyr. Bu karz ýyllyk 5 göterim bilen, 3 ýyl möhlete 42 müň manat möçberine çenli berilýär. Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky «Talyp karzyndan»

peýdalanmak isleýän müşderileriň ýüztutmalaryny we degişli resminamalaryny bankyň resmi www.dayhanbank.gov.tm internet sahypasynyň üsti bilen onlaýn görnüşinde hem kabul edýärler.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky hormatly Prezidentimiziň halkymyza ähli babatda döwlet goldawlaryny bermek baradaky tagallalaryndan ugur alyp, toý-dabaralaryny geçirmek üçin «Toý» karzyny hem halk köpçüligine hödürleýär. Karzyň bu görnüşi ýyllyk 7 göterim bilen, 3 ýyllyk möhlete 100 müň manada çenli möçberinde karz serişdeleri berilýär. Raýatlar «Toý» karzyndan peýdalanmak üçin ýüztutmalaryny we degişli resminamalaryny bankyň resmi www.dayhanbank.gov.tm internet sahypasynyň «Onlaýn ýüzlenmeler» bölüminiň üsti bilen onlaýn görnüşinde hem ibermek üçin mümkinçilik döredilen. «Toý» karzy raýatlarymyza maşgalalarynyň iň bagtly günlerini göwün isleglerindäki ýaly dabaraly geçirmäge mümkinçilik döredýär.

Häzirki wagtda ýurtda amala aşyrylýan özgertmeler bilen gazanylan netijeler hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen parasatly ýörelgeleriniň bank ulgamynda hem dabaralanýandygyny aýdyň subut edýär.

Bize şeýle ajaýyp mümkinçilikleri döredip berýän hormatly Prezidentimize köp sagbolsun aýdýarys. Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi ösüşleriň belent derejelerine alyp barýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, tutýan tutumly işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Nurgözel BEGLIÝEWA,**
Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň
Karz syýasaty müdirliginiň Sarp ediş karzlary, hususy sektory
karzlaşdyrmak we hasabatlary bölüminiň baş hünärmeni

# BANK ULGAMY GALKYNYŞLY DÖWRÜŇ ÖSÜŞ ÝOLUNDA

Häzirki wagtda müşderiler öz bank hasaplary baradaky maglumatlaryny elektron görnüşde alyp, elektron töleg tabşyrygyny taýýarlap, internet arkaly tölegleri amala aşyryp bilýärler. Bank karzlaryny «Sanly karz» ulgamynyň üsti bilen onlaýn görnüşde resmileşdirmek, töleg terminallary arkaly galtaşyksyz usulda tölegleri ýerine ýetirmek, bir kartdan beýleki karta pul serişdelerini geçirmek, sanly ulgamda günüň islendik wagtynda «Onlaýn kabulhana» hyzmatynyň üsti bilen bank tarapyndan berilýän güwänamalary, bank kartlaryny sargyt etmek we gaýtadan çap etmek ýaly birnäçe döwrebap hyzmatlaryň ornaşdyrylmagy netijesinde müşderilere gymmatly wagtlaryny we serişdelerini tygşytlamaga amatly mümkinçilikleri döredýär. Şeýle hem, daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan talyplaryň okuw we gündelik çykdajylary üçin halkara «VISA» we «MasterCard» bank kart hasaplaryna manat serişdelerini onlaýn görnüşde özbaşdak goýmaga we erkin daşary ýurt puluna öwürmäge mümkinçiligi döredýän «Onlaýn halkara töleg» ulgamy hereket edýär.

Häzirki wagtda söwda we hyzmat ediş nokatlarynda dürli görnüşli bank kartlarynyň üsti bilen töleg terminallary arkaly geçirilýän, şeýle-de sanly ulgamda ýerine ýetirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, tölegleriň programma üpjünçilikleriniň hilini artdyrmak ýaly wezipeler banklaryň işjeňligini gazanmak maksady bilen durmuşa geçirilýän çärelerdir.



Söwda we hyzmat ediş nokatlarynda ornaşdyrlan töleg terminallary arkaly nagt däl görnüşinde hasaplaşyklary amala aşyran bank kartyny ulanyjylara «Cash back» pul sylagyny bermek ýaly höweslendiriji hyzmatlary hem ýerine ýetirilip gelinýär. Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan 2025-nji ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda nagt däl görnüşinde geçirilen hasaplaşyklar üçin 6 051,7 müň manat möçberinde «Cash back» pul sylagy bank kartyny saklaýjy müşderilere yzyna gaýtaryldy.

2025-nji ýylyň 1-nji awgust ýagdaýyna Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky boýunça edara-kärhanalardan we raýatlardan çekilen serişdeleriň galyndysy 5 636 095,3 müň manada deň boldy. Olardan diňe raýatlardan çekilen serişdeleriň goýumlaryň möçberi 1 210 568,2 müň manatdan geçendigini bellemek bolar.

2025-nji ýylyň ýanwar-iýul aýlarynda bu bank boýunça bank kart ulgamynda geçirilen amallaryň pul möçberi 5 802 883,2 müň manada deň bolup, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 13,3 göterim ýokarlandy. Olardan «Internet-bank» ulgamy arkaly 2 216,9 müň manat, «Mobil-bank» ulgamy arkaly 8 740,5 müň manat hem-de «Elektron söwda» ulgamy arkaly 1 022,8 müň manat möçberinde nagt däl hasaplaşyklar geçirilendigini bellemek bolýar. Bu görkezijiler nagt däl görnüşinde geçirilýän hasaplaşyklaryň möçberiniň ýylsaýyn artýandygyny görkezýär.

Ýurdumyzyň karz edaralary tarapyndan müşderilere berilýän ýeňillikli karzlaryň möçberi hem dowamly artýar. Hormatly Prezidentimiziň degişli Kararlaryna laýyklykda täze gurlan ýaşaýyş jaýlaryndan öýleri gozgalmaýan emläk hökmünde girewe goýup, 30 ýyl möhlete, ýyllyk 1 göterim derejesinde 5 ýyla çenli ýeňillikli döwri bolan karzlary, durmuş guran ýaş maşgalalara zerur bolan öý goşlaryny we hojalyk harytlaryny satyn almak maksadyna 20 müň manada çenli

ýyllyk 1 göterimli, 3 ýyla çenli möhlete berilýän ýeňillikli karzlary görkezmek bolar.

Mundan başga-da ýudumyzyň ykdysadyýetinde uly orun tutýan hususy telekeçiligi ösdürmek, bazaryň dürli ugurlarynda ornaşmagyna mümkinçilikleri giňeltmek maksady bilen, «Kiçi we orta telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary möhüm ähmiýete eýedir. Türkmenistanyň karz edaralary tarapyndan kiçi we orta telekeçilige degişli taraplara önüm öndürmekleri we maýa goýum taslamalaryna 10 ýyl möhlete, dolanyşyk serişdelerini satyn almak üçin 1 ýyl möhlete, ýyllyk 5 göterimli karzlaryň berilmekligi dowamly alnyp barylýar.

«Kiçi we orta telekeçiligiň subýektleriniň milli programma önümlerini döretmek we enjamlaryny öndürmek hem-de satyn almak we ulanyşa girizmek boýunça taslamalaryny maliýe taýdan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda hususy telekeçilere milli programma önümlerini döretmek we enjamlary öndürmek boýunça işler üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 2 ýyl ýeňillik döwri bolan 5 ýyl möhlete görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şertlerinde, taýýar milli programma önümleriniň we enjamlarynyň satyn alynmagy we ulanyşa girizilmegi üçin ýyllyk 2 göterim bilen, 6 aý ýeňillik döwri bolan 3 ýyl möhlete görkezilen maksatlar üçin 15 göterimden az bolmadyk hususy serişdelerini goýmak şertlerinde karz almak üçin mümkinçilik döredilen.

«Ýurdumyzyň oba hojalyk önümlerini öndürijileri maliýe taýdan goldamak hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararyna laýyklykda oba hojalyk önümlerini öndürijilere oba hojalyk tehnikalaryny, gurallaryny, abzallaryny, oba we suw hojalygynda ulanylýan ekskowatorlary hem-de buldozerleri, suwy tygşytlaýjy enjamlary, suwaryşda ulanylýan suw geçirijileri satyn almak üçin ýyllyk 1 göterimli 10 ýyla çenli möhlete hem-de maldarçylygy we guşçulygy ösdürmek, oba hojalyk önümlerini öndürmek, gaýtadan işlemek, hyzmatlary ýerine ýetirmek bilen bagly maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek, esasy serişdeleri hem-de emläkleri satyn almak üçin ýyllyk 5 göterimli 10 ýyla çenli möhlete ýeňillikli karzlaryň berilmekligi dowamly alnyp barylýar.

Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan fiziki taraplara berilýän sarp ediş maksatly karzlaryň möçberi üpjünçiligine zamunlyk resmileşdirilen ýagdaýynа 40 müň manada çenli, ýyllyk 12 göterimli, 3 ýyla çenli möhlete, üpjünçiligine girew emlägi goýlan halatynda 150 müň manada çenli, ýyllyk 12 göterimli, 5 ýyla çenli möhlete, resmileşdirilýär.

Mundan başga-da ýurdumyzyň raýaty bolan ýokary we orta hünär okuw mekdeplerinde bilim alýan talyplara okuwyň tölegini tölemek baradaky şertnama laýyklykda ýa-da hasap sypatnamada görkezilen möçberde nagt däl görnüşinde gaýtadan dikeldilýän karz ugry boýunça ýyllyk 5 göterimli, 5 ýyla çenli möhlete ýeňillikli karzlar dowamly berilýär.

Ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak, ýurdumyzyň ykdysadyýetini ösen döwletleriň hataryna goşmak ugrunda ýadawsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Hormatly Prezidentimiziň janlarynyň sag, başlarynyň dik, ömürleriniň uzak bolmagyny arzuw edýärin.

**Bägül GURBANDURDYÝEWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Merw» şahamçasynyň Kassa amallary bölüminiň uly kassiri

## SELJERIŞ MAKALALARY

# MILLI YKDYSADYÝETIMIZIŇ YGTYBARLY ÖSÜŞI

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryny ösdürmekde gazanylýan üstünlikler ata Watanymyzyň halkara derejesindäki abraýyny has-da belende galdyrýar.

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzda alnyp barylýan pul-karz syýasatynyň strategik ugurlary pul dolanyşygynyň durnuklylygyny hem-de durnukly ykdysady ösüşi gazanmakdan, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmakdan, milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny berkitmekden, bank ulgamynyň halkara maliýe bazarlaryna utgaşykly goşulyşmagy üçin oňaýly makroykdysady şertleri döretmekden ybarat bolup durýar. Milli ykdysadyýetimizde maýa goýum işjeňliginiň yzygiderli ýokarlanmagy bilen ykdysadyýetimiziň bäsdeşlige ukyplylygy artýar, importyň ornuny tutýan önümleri özümizde ýerli serişdeleriň hasabyna öndürmeklik ýola goýulýar, ýurduň eksport kuwwaty täze derejä çykýar, içki bazarlarymyz ilatyň köp isleg bildirýän harytlary bilen elýeterli bahadan doldurylýar, milli pulumyzyň kadaly hereketi ýola goýulýar. Ahyrky netijede bolsa ilatyň iş üpjünçiligi ýokarlanýar, ýaşaýyş-durmuş şertleri dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine ýetirilýär. Halkara maliýe guramalary tarapyndan ýurdumyzyň makroykdysady görkezijilerine oňyn bahanyň berilmegi hem munuň şeýledigine şaýatlyk edýär.

Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022 — 2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasynda», «Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2022 — 2028-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynda» we «Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasynda» bellenen çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär. Milli ykdysadyýetimizi köpugurly esasda ösdürmek, importyň düzümini kämilleşdirmek, eksportyň möçberini artdyrmak, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklaryna sanly tehnologiýalary giňden ornaşdyrmak boýunça giň gerimli çäreler durmuşa geçirilýär. Bularyň ählisi milli ykdysadyýetiň pudaklarynda ýokary depginli ösüşi saklamaga mümkinçilik berýär.

Göz öňünde tutulýan maksatnamalaýyn çäreleriň durmuşa geçirilmegi ýakyn geljekde ýurdumyzda ýeterlik derejede ösen bazar düzümini döretmäge, daşary söwda dolanyşygyny ep-esli artdyrmaga, ýurdumyzyň haryt öndürijileriniň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär. Eksport kuwwatyny artdyrmak hem-de import garaşlylygyny peseltmek maksady bilen, ýurdumyzda öndürilen harytlaryň daşary ýurtlara iberilýän möçberini artdyrmak hem-de içerki bazarlary ösdürmek boýunça yzygiderli işler alnyp barylýar.

Milli ykdysadyýetimiziň hususy ulgamyny ösdürmek, häzirki zamanyň bazar usullaryny giňden ornaşdyrmagyň hasabyna onuň eýeleýän ornuny ýokarlandyrmak, telekeçilik başlangyçlaryny goldamak hormatly Prezidentimiziň alyp barýan durmuş ugurly syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bu babatda durmuşa geçirilýän çäreler türkmen işewürleriniň öňünde dürli ulgamlarda ýokary netijeleri gazanmak üçin giň mümkinçilikleri açýar.

Häzirki wagtda ýurdumyzy senagat taýdan ösen döwlete öwürmekde, täze innowasion usullary ähli pudaklara giňden ornaşdyrmakda, kiçi we orta telekeçiligiň wekilleriniň maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmek boýunça netijeli işler alnyp barylýar. Kiçi we orta telekeçiligiň maýa goýum taslamalaryny maliýeleşdirmäge yzygiderli goldaw bermek ýurdumyz tarapyndan amala aşyrylýan maýa goýum syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biridir.

«Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we Maýa goýum maksatnamasyna» laýyklykda milli ykdysadyýetimizi pugtalandyrmak we bäsdeşlige

ukyplylygyny artdyrmak, ähli pudaklaryň, hyzmatlar ulgamynyň depginli ösüşini üpjün etmek, maýa goýumlaryň netijeliligini, eksport mümkinçiliklerini giňeltmek, sanly we «ýaşyl» ykdysadyýeti ösdürmek, kiçi hem orta telekeçiligiň işini ilerletmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak boýunça işler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Bu maksatnama laýyklykda şu ýylda jemi içerki önümiň ösüş depginini 6,3 göterim derejesinde saklamak, ýurdumyzyň sebitlerini durnukly ösdürmek, önümçilik kärhanalarynyň doly güýjünde işledilmegini gazanmak, täze kärhanalary gurmagyň we bar bolanlarynyň durkuny täzelemegiň hasabyna 3 müňden gowrak täze iş ýerlerini döretmek meýilleşdirilýär. Şu ýylyň ýanwar-iýun aýlarynda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna milli ykdysadyýetimizi ösdürmäge gönükdirilen maýa goýumlaryň möçberi jemi içerki önümiň 17,7 göterimine deň boldy. Özleşdirlen düýpli maýa goýumlaryň 44,8 göterimi önümçilik, 55,2 göterimi bolsa durmuş-medeni maksatly binalaryň gurluşygyna gönükdirildi.

Maýa goýum ykdysady ösüşiň we halkyň ýaşaýyş-durmuş derejesini ýokarlandyrmagyň esasy şerti bolup çykyş edýär. Ýurdumyzyň ähli ulgamlary boýunça jemi içerki önümiň ösüş depgininiň durnukly saklanylýandygyny we girdejililik derejesiniň barha artýandygyny bellemek gerek. «Fitch Ratings» halkara reýting agentliginiň Türkmenistana beren bahasynyň ýokarydygy hem bu ugurdaky işleriň netijeliligini doly tassyklaýar. Bu öz gezeginde daşary ýurtlardan çekilýän maýa goýumlaryň möçberleriniň artdyrylmagyna, karz beriş şertleriniň ýönekeýleşdirilmegine hem-de ýurdumyzyň daşary ykdysady işiniň mundan beýläk-de ösdürilmegine ýardam berer.

Türkmenistanda ählumumy abadançylygyň, ösüşiň bähbitlerine laýyk gelýän netijeli hyzmatdaşlygyň yzygiderli ösýändigi we köpugurly strategik hyzmatdaşlygyň döwletimiziň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridigini görkezýär. Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar boýunça «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda umumadamzat bähbitli üçünji maslahatynyň geçirilmegi ýurdumyzyň abraýyny ýene bir gezek ýokary galdyrdy.

Deňze çykalgasy bolmadyk ösüp barýan ýurtlar dünýä ykdysadyýetiniň merkezlerinden belli bir derejede uzakda ýerleşýän bolsada olaryň özara gatnaşyklary ýurduň ösüşinde oňyn täsirini ýetirer. Esasy maksat bu ýurtlaryň, maliýe taýdan hemaýat beriji döwletleriň we halkara guramalaryň arasyndaky strategik hyzmatdaşlygy güýçlendirmekden ybarat bolup durýar. Bu maslahatda syýasy, diplomatik, söwda-ykdysady, maýa goýum we medeni-ynsanperwer ugurlar boýunça köp sanly çäreleriň geçirilmegi Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan taýýarlanylan maksatnamalardan gelip çykýan wezipeleriň Türkmenistan döwletimizde üstünlikli durmuşa geçirilýändigini ýene bir gezek subut etdi.

Dabaraly çäreler Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimiz bilen dünýä döwletleriniň arasynda özara hyzmatdaşlygyň has-da ösdürilýändigini, ýurtlaryň arasynda parahatçylygy dost-doganlygy, birek-birege hormat goýmagy, ynanyşmagy we ynsanperwer ýörelgeleri ýakynlaşdyrýandygyny görkezýär. Dünýäniň köp ýurtlarynda ylalaşdyryjylyk hereketine zerurlygyň artmagy netijesinde möhüm halkara maslahatlarynyň yzygiderli geçirilmegi dünýäde halkara ylalaşdyryjy merkez hökmünde ýurdumyzyň halkara abraýyny has-da artdyrýar.

Ýurdumyzyň halkara abraýyny mundan beýläk-de artdyrmak, milli ykdysadyýetimizi diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmek, ilatyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da ýokarlandyrmak babatda dünýä nusgalyk işleri alyp barýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun! Alyp barýan rowaçly işleri diňe rowaçlyklara beslensin!

**Orazgeldi MÄMMEDOW,**
Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň baş derňewçisi

# TÜRKMENISTANYŇ «TÜRKMENISTAN» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ GOÝUM AMALLARY

Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň depginli ösüşini üpjün etmek maksady bilen, ähli pudaklar bilen bir hatarda bank ulgamynda hem maksatnamalaýyn çäreler amala aşyrylýar. Bank ulgamyny kämilleşdirmek wezipesi ýurduň ähli pudaklaryny diwersifikasiýalaşdyryp ösdürmegiň esasy şertleriniň biri hökmünde çykyş edýär.

Şu nukdaýnazardan ýurdumyzyň bank ulgamynda dünýäniň ösen döwletleriniň iş tejribelerini nazara almak bilen, bank hyzmatlaryny döwrüň talaplaryna laýyk gelýän kämil şekilde netijeli hem-de ygtybarly alyp barmak, ylmyň soňky gazanan innowasion tehnologiýalaryny ulgama giňden ornaşdyrmak, sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, hilini has-da ýokarlandyrmak, banklaryň bäsdeşlige ukyplylygyny artdyrmak ýaly durmuşa geçirilýän köpsanly çäreler aýratyn ähmiýete eýe bolan, oýlanşykly çözgütlerdir.

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasyndan» ugur almak bilen, bank ulgamynda ýurdumyzda pul dolanyşygynyň netijeliligini has-da kämilleşdirmek, dünýäniň öňdebaryjy tilsimatlaryna esaslanýan nagt däl hasaplaşyklary ýaýbaňlandyrmak maksady bilen dürli çäreler geçirilýär.

Häzirki zaman bazar gatnaşyklarynyň sazlaşykly ösýän döwründe karz edaralarynyň goýum syýasatyna laýyklykda, ilatyň erkin duran pul serişdelerini karz edaralaryna möhletli we talap edilýänçä goýum görnüşinde çekmek arkaly goýum hasaplarynyň möçberini artdyrmak boýunça möhüm işler alnyp barylýar. Goýumlar boýunça tölenýän göterimleri maliýe bazarynda hereket edýän nyrhlara laýyklykda bellemek, ilata edilýän goýum hyzmatlarynyň hilini has-da ýokarlandyrmak, goýumlaryň täze görnüşlerini ornaşdyrmak boýunça degişli işler geçirilýär.

Bu ugurda ýurdumyzyň beýleki täjirçilik banklary bilen bir hatarda Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan ilatyň erkin pul serişdelerini möhletli we talap edilýänçä goýumlara çekmek boýunça hem degişli işler yzygiderli alnyp barylýar. Hödürlenilýän hyzmatlaryndan müşderileriň hoşallygy bankyň düşewüntliligini ýokarlandyrmak bilen bir hatarda maýa goýum syýasatyny hem netijeli ösdürmäge ýardam berýär. Müşderileriň bank hasabyndaky goýumlarynyň ýokarlandyrylmagy banklaryň serişdeler binýadynyň giňeldilmeginiň esasyny düzüp, ol karzlaşdyryş amallarynyň möhüm çeşmesi bolup hyzmat edýär.

Möhletli goýumlar - bu belli bir möhlet bilen kesgitlenen möçberde kabul edilýär we bu goýumlar boýunça kesgitlenen göterim derejesi bellenilýär. Goýum hasaplary açmak ýönekeýleşdirilen görnüşinde bolup, milli manatda açylýar.

Olara mysal hökmünde Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty pudagynyň işgärleri üçin ýyllyk 11 göterimli, 1 ýyl möhletli «Bagtyýar lukman» goýumyny, çagalaryň kämillik ýaşyna ýetýänçä çenli ýyllyk 9 göterimli «Bagtyýar nesil» goýumyny, ýyllyk 10 göterimli, 1ýyl möhletli pensiýa goýumlaryny görkezmek bolar. Pensiýa goýumyna pul serişdeleri nagt we nagt däl görnüşinde kabul edilip, goýumyň möçberiniň üstüni dolmaklyga mümkinçiligi hem bar.

«Talap edilýänçä» goýumy bu örän amatly goýum bolup, onuň saklanylmaly möhleti we pul serişdesiniň möçberi çäklendirilmedik. Bu goýum ýyllyk 1 göterim bilen kesgitlenip, pul serişdelerini islendik wagty ulanmaga mümkinçilik döredilen. Häzirki wagtda bankyň hödürleýän goýumlaryna çekilen serişdeleriň möçberi günsaýyn artýar. Muňa mysal edip

2025-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna «Bagtyýar lukman» goýumyna 1 876,37 müň manat, «Bagtyýar nesil» goýumyna 1 666,62 müň manat, «Pensiýa» goýumyna 113 004,85 müň manat, ýyllyk 1 göterimli «Talap edilýançä» goýumyna 34 955,10 müň manat möçberinde çekilen pul serişdeleriniň galyndylaryny görkezmek bolar.

Mundan başga-da bank tarapyndan hödürlenilýän «Goýum bank karty» ilatyň erkin pul serişdelerini netijeli ulanmaklary, girdejilerini has-da artdyrmaklary üçin işjeň gural hasaplanylýar. «Goýum bank kartynyň» eýeleriniň pul serişdeleriniň galyndysyna ýyllyk 6 göterim girdeji hasaplanýar we aýlyk esasda tölenýär, bank kart hasabyny nagt pul bilen doldurmak çäklendirilmedik möçberde kabul edilýär we yzyna almak mümkinçiligi bar. Şeýle hem töleg terminallaryny, «Internet-bank» we «Mobil-bank» ulgamlaryny peýdalanmak arkaly nagt däl görnüşinde tölegleri amala aşyrmak, internet ulgamy arkaly goýumdaky puluň we toplanan göterimiň galyndysyny anyklamak mümkinçiligini döredýär.

Çekilen serişdeleriň göwrümini artdyrmak, ilatyň banklara bolan ynamyny has-da ýokarlandyrmak, müşderilerine hödürleýän goýum hyzmatlaryny kämilleşdirmek barada birnäçe çäreleri alyp barýar. Ilatyň süýşürintgileriniň maýa goýumlara geçmegi netijesinde, ýurdumyzda önümçiligiň dürli görnüşlerini alyp barýan täze önümçilik kärhanalaryny gurmaga, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini gowulandyrmaga, haryt bolçulygyny döretmäge we iş bilen üpjünçiligini ýokarlandyrmaga, kiçi we orta telekeçiligiň geriminiň giňeltmäge, şol bir wagtyň özünde-de ýurduň ykdysady kuwwatyny berkitmäge mümkinçilikler artýar.

Halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga, ýurdumyzyň ykdysady kuwwatyny pugtalandyrmaga gönükdirilen özgertmeleri durmuşa geçirýän Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak, belent başlary aman bolsun, il-ýurt bähbitli, umumadamzat ähmiýetli alyp barýan işleri mundan beýläk hem rowaç alsyn.

**Jemal AÇILOWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Büzmeýin» şahamçasynyň esasy hünärmeni

# TÜRKMENISTANYŇ «DAÝHANBANK» DÖWLET TÄJIRÇILIK BANKYNYŇ DÖWREBAP HYZMATLARY

«Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli Maksatnamasyna» laýyklykda ykdysadyýetimiziň ähli pudaklary bilen bir hatarda ýurdumyzyň ykdysady, maliýe we bank ulgamlarynda hem sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak, töleg ulgamyny dünýäniň ösen döwletleriniň derejesine çykarmak, geçirilýän nagt däl hasaplaşyklaryň gerimini giňeltmek, bu ugurda banklaryň bäsdeşligini ýokarlandyrmak babatynda netijeli işler alnyp barylýar. Ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň ähli pudaklaryna ylmyň we tehnikanyň iň soňky gazananlaryny, öňdebaryjy halkara tejribeleri esasynda innowasion tehnologiýalar ornaşdyrylýar.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan ýurdumyzyň oba hojalygynda alnyp barylýan özgertmeleriň çäklerinde, oba hojalyk önümleriniň öndürilişini artdyrmak, içerki bazarda azyk bolçulygyny döretmek we ýurdumyzda öndürilýän oba hojalyk önümleriniň eksport mümkinçiliklerini artdyrmak bilen bagly maýa goýum taslamalaryny karzlaşdyrmak, önüm öndürijilere edilýän bank hyzmatlaryny has-da kämilleşdirmek ýaly durmuş ähmiýetli işler ýokary işjeňlik bilen alnyp barylýar.

Häzirki döwürde Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan ýuridik we fiziki şahslara «Menzilara bank», «Cash-back», «Kiçi göwrümli karz», «Talyp karzy», «Owerdraft karzy», «Toý karzy», «Meleguş pul geçirimi» ýaly birnäçe hyzmatlaryny ýerine ýetirip gelýär.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan 2025-nji ýylyň ýanwar-awgust aýlarynyň dowamynda berlen karzlaryň jemi möçberi 6371,4 mln. manatdan geçdi, şol sanda döwlete dahylsyz kärhanalara we hususy telekeçilere berlen karzlaryň möçberi 321,4 mln. manatdan, raýatlara berlen karzlaryň möçberi bolsa 2212,3 mln. manatdan geçdi. Şu ýylyň sekiz aýynyň dowamynda bu bank tarapyndan önümçilik we önümçiligi giňeltmek maksatly berlen karzlaryň jemi möçberi 137,1 mln. manatdan geçdi.

Mundan başga-da bu bank tarapyndan raýatlara sarp ediş maksatly karzlar hem dowamly berilýär, şu ýylyň ýanwar-awgust aýlarynda bu bank tarapyndan ýurdumyzyň raýatlaryna berlen sarp ediş maksatly karzlaryň möçberi 1232,9 mln. manatdan geçip, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 39,7 göterim artdy. Türkmenistanyň Prezidentiniň Kararlary esasynda raýatlara hususy ýaşaýyş jaýyny satyn almak üçin uzak möhletli karz serişdeleri goýberilýär. 2025-nji ýylyň ýanwar-awgust aýlarynda bu ugur boýunça raýatlara berlen karzlaryň möçberi 979,3 mln. manatdan geçdi.

Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik banky tarapyndan ilatyň erkin pul serişdelerini banka möhletli we talap edilýänçä görnüşli goýumlara çekmek boýunça hem degişli işler alnyp barylýar.

Mundan başga-da bu bank tarapyndan sanly ulgamy ösdürmek hem-de elektron söwda hyzmatyny yzygiderli kämilleşdirmek boýunça degişli işler yzygiderli alnyp barylýar. 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabry ýagdaýyna ýurdumyzyň bank kart ulgamynda Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň hasaba alnan bank kartlarynyň sany 2,1 milliondan geçdi, geçen ýylyň degişli senesi bilen deňeşdirilende 104,0 göterim ýokarlandy.

«Internet bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany 448,0 müňe ýetdi, olaryň sany geçen ýylyň degişli senesi bilen deňeşdirilende 109,8 göterim ýokarlandy, «Mobil-bank» hyzmatyna birikdirilen müşderileriň sany bolsa 18,6 müňden geçdi, olaryň sany geçen ýylyň degişli senesi bilen deňeşdirilende 118,7 göterim artdy. Hasabat döwründe bankomatlaryň,




töleg terminallarynyň, «Internet-bank», «Mobil-bank», «Elektron söwda» hem-de «Halkbank terminal» ulgamlarynyň üsti bilen amal edilen nagt däl hasaplaşyklaryň möçberi 3,92 mlrd. manada barabar bolup, bu görkeziji geçen ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende 122,7 göterim ýerine ýetriildi. Bank tarapyndan şu ýylyň ýanwar-awgust aýlarynyň dowamynda bankyň resmi www.dayhanbank.gov.tm internet sahypasynyň üsti bilen müşderileriň «Onlaýn-karz» ýüztutmalary arkaly jemi 10,9 müňden gowrak müşderilere berlen karzlaryň möçberi 339,5 mln. manada barabar boldy. Bankda ornaşdyrlan «Menzilara bank» ulgamy nagt däl hasaplaşyklaryň geriminiň giňeldilmegine, töleg-hasaplaşyk amallarynyň dessinliginiň üpjün edilmegine ýardam berýär.

Fiziki şahslar üçin niýetlenen «Menzilara bank» ulgamy daşary ýurtlaryň ýokary okuw mekdeplerinde okaýan hem-de ýurdumyzyň çäginden daşarda saglygynyň barlanylmagy we bejerilmegi zerur bolan raýatlarymyz üçin milli puly daşary ýurt puluna çalyşmaga, şol sanda halkara «VISA», «MasterCard» töleg kartlarynyň hasaplaryny onlaýn görnüşde doldurmaga mümkinçilik berýär.

«Menzilara bank» ulgamyndan peýdalanmak üçin raýatlarymyz banka bir gezeklik gelip, tölege degişli resminamalarynyň asyl nusgalaryny barlatmaly hem-de daşary ýurt pulunda goýum hasabyny açmak we ulanyjy döretmek barada ýüz tutmaly. Şeýlelik bilen, bankyň resmi www.dayhanbank.gov.tm internet sahypasynyň «Onlaýn töleg geçirmek» bölüminiň üsti bilen sanly hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanmak bolýar. «Menzilara bank hyzmaty» ulgamy ýurdumyzyň islendik künjeginden internete birikdirilen enjam arkaly tölegleri geçirmäge, hasaplaryňyzyň galyndysyny barlamaga, olaryň göçürmesini almaga, karzlaryň, depozitleriň töleg tertibini görmäge, karz serişdelerine gözegçilik etmäge, bank bilen onlaýn tertipde habarlaşmaga hem-de dürli görnüşli bank amallaryny ýerine ýetirmäge mümkinçilik berýär.

Elbetde şular ýaly hyzmatlaryň döredilmegi hem bankda işleriň giň gerimli alyp barýandygyna aýdyň şaýatlyk edýär. Ýurdumyzyň bank ulgamyny kämilleşdirmek we ösdürmek boýunça amala aşyrylýan işler raýatlaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de gowulandyrmaga gönükdirilendir.

Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen bank ulgamynda ornaşdyrylýan sanly tehnologiýalar arkaly ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň hili yzygiderli ýokarlandyrylýar, programma üpjünçiligi kämilleşdirilýär. Sanly ykdysadyýetiň ösdürilmegi milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlanmagyna, täze hünär ugurly iş orunlarynyň döredilmegine, harajatlaryň peselmegine, maglumatlaryň elýeter bolmagyna we täze bazarlara çykmagyna mümkinçilikleriniň artmagyna ýardam berýär.

**Altyn DURDYÝEWA,**
Türkmenistanyň «Daýhanbank» döwlet täjirçilik bankynyň
Ykdysady seljerme we maliýe müdirliginiň
Ykdysady seljerme we çaklaýyş bölüminiň baş hünärmeni

# SANLY ULGAMYŇ MÜMKINÇILIKLERI

«Türkmenistanyň bank ulgamyny ösdürmegiň 2011-2030-njy ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» we «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021-2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» çäklerinde dünýä tejribesiniň gazananlaryny nazara almak bilen, sanly ulgamda ýerine ýetirilýän bank amallarynyň görnüşleri artdyrylýar, hili has-da ýokarlandyrylýar.

Sanly ulgamda ýerine ýetirilýän hyzmatlaryň gerimini giňeltmek, müşderilerine amatly mümkinçilikleri döretmek maksady bilen, ýurdumyzyň beýleki karz edaralary bilen bir hatarda Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik banky tarapyndan «Onlaýn kabulhana» hyzmaty işe girizildi. Hyzmata laýyklykda raýatlarymyz banka barmazdan, sanly ulgam arkaly günüň islendik wagtynda bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Onlaýn kabulhana» bölümçesiniň üsti bilen bank tarapyndan berilýän güwänamalary, bank kartlaryny sargyt etmek we gaýtadan çap etmek, şeýle hem karz almak üçin onlaýn görnüşde ýüzlenip bilýär. Munuň üçin ilki bilen penjirede açylan meýdançalary talap edilen görnüşinde doldurmak arkaly özbaşdak ulanyjy adyny we gizlin açar sözüni bir gezeklik döretmeli. Döredilen ulanyjy adyny we gizlin açar sözüni her gezek ulanmak arkaly «Onlaýn kabulhana» bölümçesine girip, zerur bolan resminamalary sargyt etmeli, sargydyň taýýar bolanlygy baradaky maglumat elektron ulgam arkaly, şeýle hem bankyň merkezi edarasynyň (ýa-da şahamçasynyň) degişli hünärmeni tarapyndan telefon arkaly habar berilýär. Müşderiler öz sargytlaryny almak üçin bankyň merkezi edarasyna ýa-da degişli şahamçasyna ýüz tutup bilerler.

Bankyň hödürleýän «Onlaýn halkara töleg» hyzmatyna laýyklykda tölegi onlaýn görnüşinde amala aşyrmak üçin bir gezeklik banka gelip, tölege degişli resminamalary getirenden soň, bank işgäri tarapyndan internet arkaly ähli sazlamalary ýerine ýetirilýär. Şeýlelik bilen, bankyň resmi www.tnbk.tm internet sahypasynyň «Onlaýn hyzmatlar» bölüminde ýerleşdirilen «Internet-bank» bölümçesiniň üsti bilen raýatlarymyz hyzmatyň amatly mümkinçiliklerinden peýdalanyp bilerler.

Internetiň ösmegi hem-de sanly tehnologiýalaryň mümkinçilikleriniň giňemegi bilen baglylykda, ykjam goşundylar möhüm ähmiýete eýe bolýar. Olary ulanyjylar her gün özleriniň hasabyny barlamak, ýerine ýetirilen amallary gözden geçirmek, geçirimleri, hyzmatlaryň töleglerini amala aşyrmak üçin ençeme gezek ulgama girýärler.

Sanly ulgamyň ornaşdyrylmagy önüm öndürijilere önümi ýerlemegiň ähli tapgyrlaryna onlaýn görnüşde gözegçilik etmäge mümkinçilik berýär. Ol taýýar önümleri ugratmakdan onuň bellenen ýere çenli bolan aralygy, ýola sarp edilen wagt, ýüküň agramy, saklanyş derejesi, ugradylýan ýurduň hem-de alyjynyň ady baradaky maglumatlary berip durýar. Munuň özi bar bolan meseleleri öz wagtynda çözmäge, harytlaryň içerki, häzirki mahabat ýagdaýyny, alyjylaryň isleglerini nazara almak arkaly olary daşarky bazarlara ibermegiň amatly ugurlaryny işläp taýýarlamaga ýardam edýär.

Sanly ulgam arkaly geçirilýän hasaplaşyklaryň görnüşiniň we geriminiň artmagy bilen, ykdysadyýet boýunça, nobatlarda durulýan wagtyň tygşytlanmagy, ýolda sarp edilen wagtyň we harajatlaryň tygşytlanmagy ýaly faktorlaryň üsti bilen, zähmet öndürijiligini artdyrmaga we serişdeleriň tygşytlanmagyna itergi berýär.

**Gurbangül AKUMMEDOWA,**
Türkmenistanyň «Türkmenistan» döwlet täjirçilik bankynyň
«Türkmenbaşy» şahamçasynyň Baş buhgalteriniň orunbasary

# TÜRKMENISTANYŇ BANK ULGAMYNYŇ ÖSÜŞ MEÝILLERI
## Тенденции развития банковской системы Туркменистана
## Development trends of the banking system of Turkmenistan

**2025-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 сентября 2025 года

Information on the number of branches of the credit institutions of Turkmenistan as of September 1, 2025




**2025-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat**

Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 сентября 2025 года

Information on the number of agencies of the credit institutions of Turkmenistan as of September 1, 2025




**2025-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralary boýunça daşary ýurt puluny alyş-çalyş nokatlarynyň sany**

Количество обменных пунктов иностранной валюты по кредитным учреждениям Туркменистана на 1 сентября 2025 года

Number of the exchange bureaus of the credit institutions of Turkmenistan as of September 1, 2025




**Karz edaralaryň işjeňleriniň düzümi, (%-de)**

Структура активов кредитных учреждений, (в %)

Structure of assets of the credit institutions (in %)



## Karz edaralaryň işjeň dälleriniň düzümi, (%-de)

Структура пассивов кредитных учреждений, (в %)
Structure of liabilities of the credit institutions(in %)




## 2025-nji ýylyň ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna karz edralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat

Величина уставного фонда кредитных учреждений
по состоянию на 1 сентября 2025 года
Authorized capital size as of 1 September 2025




## Kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleriniň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Средства на расчетных, текущих счетах и депозтах предприятий, организаций и населения по срокам их размещения (в млн манат)
Funds on the settlement, current, deposit accounts of the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň eýeçiligi boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленных в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по формам их собственности (в млн манат)
Undrawn credit amounts in national currency of the credits issued to the enterprises, organizations and households, by the forms of the ownership (in mln. manat)




## Karz edaralaryň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylarynyň möhleti boýunça bölünişi (mln manatda)

Распределение остатков кредитов кредитных учреждений, предоставленные в национальной валюте предприятиям, организациям и населению по срокам их размещения (в млн манат)
Distribution of balances of credits with the credit institutions provided to the enterprises, organizations and households by the terms of placement (in mln. manat)




## 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň bank kart ulgamynda hasaba alnan bank kartlary boýunça maglumat (görkezijiler tegeleklenip alyndy)

Сведения о зарегистрированных в банковской карточной системе Туркменистана банковских картах по состоянию на 1 сентября 2025 года (указатели округлены)

Information on the bank cards registered in the bank system of Turkmenistan as of 1 September 2025 (rounded-off)



## Türkmenistanyň karz edaralarynyň işjeňliginiň esasy görkezijileri
## Основные показатели деятельности кредитных учреждений Туркменистана
## Key performance indicators of credit institutions in Turkmenistan

| GÖRKEZIJILER<br>ПОКАЗАТЕЛИ/INDICATORS | ölçeg birligi<br>ед. измер.<br>measure unit | 01.09.2024 | 01.01.2025 | 01.09.2025 | 01.09.2025<br>01.01.2025-e,<br>%-de | 01.09.2025<br>01.09.2024-e,<br>%-de |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1. Bellige alnan karz edaralary**<br>Зарегистрированные кредитные учреждения<br>Registered credit institutions | sany<br>количество<br>number | **11** | **11** | **11** | *100,0* | *100,0* |
| şol sanda/в том числе/ including: | | | | | | |
| - döwlet täjirçilik<br>- государственно-коммерческие<br>- state-commercial | sany<br>количество<br>number | 3 | 3 | 3 | *100,0* | *100,0* |
| - paýdarlar täjirçilik<br>- акционерно-коммерческие<br>- joint-stock commercial | sany<br>количество<br>number | 5 | 5 | 5 | *100,0* | *100,0* |
| - daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>- филиалы иностранных банков<br>- branches of foreign banks | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - Döwlet ösüş banky<br>- Государственный банк развития<br>- State Development bank | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| - «Türkmen maýa goýum kompaniýasy»<br>- «Туркменская инвестиционная компания»<br>- «Turkmen investment company» | sany<br>количество<br>number | 1 | 1 | 1 | *100,0* | *100,0* |
| **2. Karz edaralaryň şahamçalarynyň sany**<br>Количество филиалов кредитных учреждений<br>Number of branches of credit institutions | sany<br>количество<br>number | **149** | **149** | **148** | *99,3* | *99,3* |
| **3. Karz edaralarynda hyzmat edilýän müşderilere açylan hasaplaryň sany**<br>Количество счетов открытых клиентом обслуживаемых кредитными учреждениями<br>Number of accounts opened by clients serviced by credit institutions | sany<br>количество<br>number | | **7 675 485** | | | |
| **4. Karz edaralaryň işgärleriniň sany**<br>Численность работников кредитных учреждений<br>Number of employees of credit institutions | sany<br>количество<br>number | | **8 408,50** | | | |
| **5. Karz edaralaryň hakyky toplan esaslyk maýasynyň möçberi**<br>Фактически сформированный уставный фонд кредитных учреждений<br>Actually formed authorized capital of credit institutions | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **7 227,22** | **7 432,33** | **7 511,05** | *101,1* | *103,9* |
| **6. Türkmenistanyň Merkezi bankynda açylan karz edaralarynyň aragatnaşyk hasaplaryndaky galyndylary (milli pulda)**<br>Остаток на корреспондентских счетах кредитных учреждений в Центральном банке Туркменистана (в нац. валюте)<br>Balances on correspondent accounts of credit institutions in the Central Bank of Turkmenistan (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **19 574,17** | **16 997,27** | **13 261,83** | *78,0* | *67,8* |
| **7. Türkmenistanyň karz edaralarynyň kärhanalara, guramalara we ilata milli pulda beren karzlarynyň galyndylary**<br>Остаток кредитов кредитных учреждений Туркменистана в национальной валюте, предоставленные предприятиям, организациям, населению<br>The balance of credits of credit institutions of Turkmenistan in national currency, provided to enterprises, organizations, and the population | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **91 260,48** | **92 135,71** | **92 736,02** | *100,7* | *101,6* |
| **8. Karz edaralarynda kärhanalaryň, guramalaryň we ilatyň hasaplaşyk, gündelik we goýum hasaplaryndaky serişdeleri (milli pulda)**<br>Средства на расчетных, текущих счетах и депозитах предприятий, организаций и населения в кредитных учреждениях (в нац. валюте)<br>Funds at settlement, current accounts and deposits of enterprises, organizations and individuals in credit institutions (in national currency) | mln manat<br>млн манат<br>mln manat | **43 083,60** | **40 178,70** | **36 773,06** | *91,5* | *85,4* |

***Ylmy-önümçilik geňeşinde taýýarlanyldy***
*Подготовлено Научно-производственным советом /Prepared by the Research Council*

## 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň şahamçalarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве филиалов кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 сентября 2025 г.
Information on the number of branches of credit institutions of Turkmenistan as of September 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Şahamçalaryň sany<br>Количество филиалов<br>Number of brances | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Arkadag<br>Аркадаг<br>Arkadag | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **22** | 3 | 7 | 1 | 4 | 1 | 3 | 3 |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **22** | 1 | 4 | | 4 | 3 | 6 | 4 |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **51** | 7 | 1 | 1 | 7 | 10 | 13 | 12 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **3** | | 2 | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **32** | 4 | 7 | 1 | 3 | 4 | 7 | 6 |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **14** | 1 | 2 | 1 | 4 | 2 | 2 | 2 |
| **«Rysgal» PTB**<br>АКБ «Рысгал» / JSCB «Rysgal» | **4** | | | | 1 | 1 | 1 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **148** | **16** | **23** | **4** | **24** | **21** | **32** | **28** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň bank gulluklarynyň sany barada maglumat
Сведения о количестве агентств кредитных учреждений Туркменистана по состоянию на 1 сентября 2025 г.
Information on the number of credit institutions agencies of Turkmenistan as of September 1, 2025

| Karz edaralaryň ady<br>Наименование кредитных учреждений<br>Name of credit institutions | Gulluklaryň sany<br>Количество агентств<br>Number of agencies | Ahal<br>Ахал<br>Ahal | Aşgabat<br>Ашхабад<br>Ashgabat | Balkan<br>Балкан<br>Balkan | Daşoguz<br>Дашогуз<br>Dashoguz | Lebap<br>Лебап<br>Lebap | Mary<br>Мары<br>Mary |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| **Türkmenistanyň «Türkmenistan» DTB**<br>ГКБТ «Туркменистан» / SCBT «Turkmenistan» | **1** | | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Türkmenbaşy» PTB**<br>АКБТ «Туркменбаши» / JSCBT «Turkmenbashi» | **1** | | 1 | | | | |
| **Türkmenistanyň «Daýhanbank» DTB**<br>ГКБТ «Дайханбанк» / SCBT «Dayhanbank» | **8** | 1 | | 1 | 1 | 4 | 1 |
| **TD Daşary ykdysady iş banky**<br>Туркменвнешэкономбанк/<br>State Bank for Foreign Economic Affairs of Turkmenistan | **1** | | | 1 | | | |
| **Türkmenistanyň «Halkbank» PTB**<br>АКБТ «Халкбанк»/ JSCBT «Halkbank» | **4** | | | | | 4 | |
| **Türkmenistanyň «Senagat» PTB**<br>АКБТ «Сенагат»/ JSCBT «Senagat» | **1** | | | | 1 | | |
| **Türkmen-Türk PTB**<br>Туркмено-Турецкий АКБ/ Turkmen-Turk JSCB | **7** | | 2 | 1 | 1 | 2 | 1 |
| **Jemi / Всего / Total** | **23** | **1** | **4** | **3** | **3** | **10** | **2** |

## 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabr ýagdaýyna Türkmenistanyň karz edaralarynyň esaslyk maýalarynyň möçberi barada maglumat
Информация об уставном фонде кредитных учреждений по состоянию на 1 сентября 2025 г.
Information on the authorized capital of credit institutions as of September 1, 2025

müň manat / тыс. манат / thousand manat

| Bellige alnan karz edaralar we beýlekiler<br>Зарегистрированные кредитные учреждения и другие<br>Registered credit institutions and others | Esaslyk maýalarynyň möçberi<br>Размер уставного фонда<br>Size of the authorized capital | Esaslyk maýalaryň umumy möçberinden düşýän paýy, %<br>Уд. вес к итогу, % / Share to total, % |
|---|---|---|
| döwlet täjirçilik banklary<br>государственно-коммерческие банки/state-commercial banks | 2 723 352,7 | 36,3 |
| paýdarlar täjirçilik banklary<br>акционерно-коммерческие банки/joint-stock commercial banks | 1 877 130,3 | 25,0 |
| daşary ýurt banklarynyň şahamçalary<br>филиалы иностранных банков/branches foreign banks | 4 571,0 | 0,1 |
| Döwlet ösüş banky<br>Государственный банк развития/State Development Bank | 2 850 000,0 | 37,9 |
| Türkmen maýa goýum kompaniýasy<br>Туркменская инвестиционная компания/Turkmen investment company | 56 000,0 | 0,7 |
| **Jemi / Всего / Total** | **7 511 054,0** | **100,0** |

***Bank gözegçiligi müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Банковского надзора/ Prepared by Banking Supervision Department*

## 2025-nji ýylyň awgust aýynda TMB-niň karz auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на кредитном аукционе ЦБТ в августе 2025 года
Interest rates declared at the credit auction of CBT in August, 2025

| Karzlaryň möhleti<br>сроки предоставления кредитов<br>Terms of credits | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%)<br>Interest rate, (%) |
|---|---|
| 1 ýyldan artyk bolmadyk möhlete<br>до 1 года<br>Up to 1 year | 5,0 % |

## 2025-nji ýylyň awgust aýynda TMB-niň goýum amallary auksionynda yglan edilen göterim derejeleri
Объявленные процентные ставки на депозитном аукционе ЦБТ в августе 2025 года
Interest rates declared at the deposit auction of CBT in August, 2025

| Goýumlaryň möhleti<br>сроки привлечения депозитов<br>Terms of deposits | Göterim derejesi, (%)<br>Процентная ставка, (%)<br>Interest rate, (%) |
|---|---|
| 1 aý<br>1 месяц /1 month | 3,0 % |
| 2 aý<br>2 месяц /2 month | 3,5 % |
| 3 aý<br>3 месяца /3 month | 4,0 % |

***Karz amallary müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Кредитных операций*
*Prepared by the Credit Operations Department*

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň gaýtadan maliýeleşdiriş göterim derejesi
Ставка рефинансирования Центрального банка Туркменистана
Refinance rate of the Central Bank of Turkmenistan

| Hereket eden döwri<br>Период действия<br>Period of validity | Göteriminň derejesi,%<br>Процентная ставка,%<br>Interest rate,% | Esas<br>Основание / Authorizing document |
|---|---|---|
| 08.07.1997 - 05.08.1998 | 35 | TMB-niň 08.07.1997 ý. senesinden 125 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N125 от 08.07.1997 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.125 08.07.1997 |
| 06.08.1998 - 02.08.1999 | 30 | TMB-niň 06.08.1998 ý. senesinden 196 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N196 от 06.08.1998 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.196 of 06.08.1998 |
| 03.08.1999 - 11.02.2000 | 27 | TMB-niň 03.08.1999 ý. senesinden 212 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N212 от 03.08.1999 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.212 of 03.08.1999 |
| 12.02.2000 - 24.05.2000 | 25 | TMB-niň 11.02.2000 ý. senesinden 39 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N39 от 11.02.2000 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No.39 of 11.02.2000 |
| 25.05.2000 - 01.01.2001 | 20 | TMB-niň 25.05.2000 ý. senesinden 161 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N161 от 25.05.2000 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 161 of 25.05.2000 |
| 02.01.2001 - 09.12.2001 | 15 | TMB-niň 02.01.2001 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N1 от 02.01.2001 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 1 of 02.01.2001 |
| 10.12.2001 - 01.03.2003 | 12 | TMB-niň 07.12.2001 ý. senesinden 304 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ N304 от 07.12.2001 г.<br>Order of the Central Bank of TurkmenistanNo. 304 of 07.12.2001 |
| 01.03.2003 - 01.06.2004 | 10 | TMB-niň 23.01.2003 ý. senesinden 1 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 1 от 23.01.2003 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 1 of 23.01.2003 |
| 01.06.2004 | 5 | TMB-niň 25.05.2004 ý. senesinden 133 belgili buýrugy<br>Распоряжение ЦБТ № 133 от 25.05.2004 г.<br>Order of the Central Bank of Turkmenistan No. 133 of 25.05.2004 |

***Makroykdysady seljeriş we maliýe syýasaty müdirliginde taýýarlanyldy***
*Подготовлено департаментом Макроэкономического анализа и финансовой политики*
*Prepared by the Department of Macroeconomic Analysis and Financial Policy*

## Karz edaralarynyň Türkmenistanyň Merkezi bankyna hökmany ätiýaçlyklaryna geçirmeli möçberleri
## Нормативы отчислений кредитных учреждений в обязательные резервы Центрального банка Туркменистана
## Standards for deductions of credit institutions to the required reserves with the Central Bank of Turkmenistan

| Bellenilen senesi<br>Утвержденная дата<br>Confirmed date | Hökmany ätiýaçlyklaryň derejesi<br>Уровень обязательных резервов<br>Required Reserves Level | Bellikler<br>Примечания / Notes |
